# Yslamdaky iñ uly günä şirk

Hamd älemleriñ Robbi Allaha mahsusdyr. Salawat we salam Allah tagalanyñ ilçisi, dogry sözli we emin ynsan, Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we selleme, onuñ maşgalasyna we sahabalaryna bolsun.

**Şirk** rububiýetde we uluhiýetde Allah tagala şärik (araçy) goşmak diýmekdir. Şirk köplenç uluhiýet meselesinde meýdana gelýär. Mysal üçin Allah tagala bilen birlikde başgasyna ýalbaryp ýakarmak, Allahdan başgasyna gurban kesmek we nezir etmek, Allahdan başgasyndan gorkmak, umyt etmek we Allahdan başgasyny söýmek ýaly ybadat görnüşlerinden birini Allah tagaladan başgasy üçin etmeklik şirkdir.

**Şirk şu zatlar sebäpli günäleriñ iñ ulusydyr :**

**1.** Şirk uluhiýet wasplarynda, ýaradylany ýaradyja meñzetmekdir. Kim bir zady Allah tagalaga şärik goşsa, ony, ýagny şärik goşan zadyny Allah tagalaga meñzetdigi bolar, bu bolsa iñ uly zulumdyr.

Şirk barada Allah tagala Kuran Kerimde şeýle diýýär:

**“Şüphesiz ki şirk, iñ uly zulumdyr.”** (Lukman suresi/13)

Allahdan başga barlyk ybadata hakly däldir. Diñe ýeke täk Allah ybadata haklydyr. Şonuñ üçin kim Allah tagaladan başgasyna ybadat etse, uly haksyzlyk etdigi bolar, bu bolsa iñ uly zulumdyr.

**2.** Allah tagala şirk edip toba etmän ölen ynsany, ebedi bagyşlamajakdygyny bize Kuran-Kerimde habar berendir.

Allah tagala bu barada şeýle diýýär: **“Şüphesiz ki Allah, özüne şärik goşulmasyny asla bagyşlamaz. Ondan başga günäleri islän bendesine bagyşlar. Kim Allah tagalaga şärik goşsa, ol uly günä duçar bolandyr.”** (Nisa süresi/48)

**3.** Allah tagala özüne şärik goşana jenneti haram edendir.

Allah tagala bu barada şeýle diýýär: **“Elbetde, kimde kim Allaha şärik goşsa, Allah oña jenneti haram edendir. We onuñ ýeri dowzahdyr. Zalymlara kömek etjek ýokdyr.”** (Maide süresi/72)

**4.** Şirk ähli amallary puja çykarar. Allah tagala bu barada şeýle diýýär: **“Şüphesiz ki saña we senden öñkilere şeýle wahyý edilendir: “Eger Allaha şärik goşsañ amalyñ puja çykar we sen, elbetde zyýan görenlerden bolarsyñ”** (Zümer süresi/65)

**5.** Allah tagala şärik goşan ynsanyñ maly we jany halaldyr.

Bu barada Allah tagala şeýle diýýär: **“Müşrikleri (Allaha şärik goşanlary) gören ýeriñizde öldüriñ, olary ýesir alyñ, gabañ we ähli ýollarda olary göz astyna alyñ.”** (Toba süresi/5)

Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýýär: **“Lä ilähe illallah diýýänçäler, maña ynsanlar (müşrikler) bilen söweşmek emr edildi. Bu sözi aýtsalar, janlaryny we mallaryny menden gorarlar.”** (Buhari we Muslim)

**6.** Şirk, uly günäleriñ iñ ulusydyr. Bu barada Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýýär: **“Uly günäleriñ iñ ulusyny size habar bereýinmi?” Sahabalar: “Howwa, Eý Allahyñ Resuly” diýdik. Pygamberimiz aýtdy: “Allaha şärik goşmak we ene-ata boyun bolmazlykdyr.”** (Buhari we Muslim)

**7 .** Şirk nogsanlyk we kemçilikdir. **Allah tagala özüni şärikden päkländir. Kim Allaha şärik goşsa, Allah tagalanyñ özüni ondan päklän zadyny, ýagny şärigi, Allaha ýöñkedigi bolar, bu bolsa, Allah tagalaga garşy duşmanlyk, kejirlik we oña garşy gelmekdir.**

Jemläp aýtsak, Allah tagala jynlary we ynsanlary ýeke täk özüne ybadat etmekleri üçin ýardandyr. Muña Yslamda ybadatda Allahy töwhit etmek, ýagny ybadatda Allahy birlemek ýada Uluhiýet Töwhidi diýilýär. Ybadatda Allahy töwhit etmek, birlemek ynsan oglunyñ ýaradylyşynyñ asyl sebäbi bolup durýar, şirk diýilýän günä bolsa, biziñ ýaradylyşymyzyñ maksadyna ters gelýändir. Çünki şirk diýilýän günä sezewar bolan kişi, Allah bilen bilelikde başga zatlarada ybadat edýär, ýagny dileg edýär, sygynýar, gurban kesýär. Gysgaça aýdanymyzda Allah tagalaga garşy etmeli zatlaryny (ybadatlaryny), ol şärik goşýan närsesi üçin edýär. Müşrik kişi ýaradylan zatlary Allaha deñ we şärik tutany üçin iñ jähil adamdyr. Bu iñ uly zulum bolşy ýaly, jähilligiñ iñ ulusydyr. Müşrik ynsan Robbine dälde, özüne zulum edýändir.

**Şirkiñ görnüşleri.**

**Şirkiñ iki görnüşi bardyr: uly şirk we kiçi şirk.**

Uly şirk ynsany dinden çykarýar, eger toba etmän ölse ebedi dowzahy bolýar. Meselem: Allahdan başgasyna ýalbaryp, doga dileg etmek, gabyrda ýatan ölülere ýada jynlara ýakynlaşmak üçin olaryñ ýoluna gurban kesmek we nezir etmek, Allah üçin etmeli yabadatlardan bir zady, Allahdan başgasy üçin etmek uly şirkdir. Ölüleriñ, jynlaryñ we şeýtanlaryñ özüne zyýan berjeginden ýada hasta etjeginden gorkmak uly şirkdir. Mätäç bolan zadyny ýada başyna kynçylyk gelende ýada çaga bolmasy üçin günümizde edilişi ýaly öwliýäleriñ we ýagşyzadalaryñ gabrynyñ başynda duryp olardan dileg we umyt etmek hem uly şirkdir.

Bu barada Allah tagala Kuran Kerimde şeýle diýýär:

**“Müşrikler, Allahy goýup, özlerine zyýan hem, peýda hem ýetirip bilmeýän zatlara ybadat etdiler we: “Ine şu närseler Allahyñ huzurynda biziñ şefagatçylarymyzdyr” diýdiler.** (Yunus süresi/18)

**Kiçi şirk.**

Kiçi şirk ynsany dinden çykarmaz emma töwhidi, imany kemelder we kiçi şirk ynsanyñ uly şirke düşmegine sebäp bolup biler.

**Kiçi şirk gizlin we açyk diýip, ikä bölünýär.**

**a) Açyk kiçi şirk:** Sözde we amalda bolýar. Sözdäki açyk kiçi şirke mysal: Allahdan başga zada kasam etmek. Käbä kasam bolsun, Kurana kasam bolsun, duza-çörege kasam bolsun diýmek ýaly Allahdan başga zada edilen kasamlar sözde edilen açyk kiçi şirkdir. Ibn Omar radiallahu anhuma şeýle diýýär: **Allahdan başga zadyñ adyna kasam edilmez. Çünki Pygamberimiz Muhammet sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýdi: “Kim Allahdan başga zadyñ adyna kasam etse, käfir ýada müşrik bolar.”** (Tirmizi, Hakim). Şu söz hem sözli açyk kiçi şirke mysaldyr: “Allah we sen isläniñ üçin bu iş boldy.” Bir adam Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ ýanyna gelip: **“Allah we sen isläniñ üçin ” diýende, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem oña: “Meni Allah bilen deñ tutýañmy? Diñe Allah isledi diýip, aýt.” diýýär.** (Nesai). “Allah we pylany bolmasady, bu iş bolmazdy” ýaly sözler hem, sözde açyk kiçi şirke mysaldyr. Dogrusy“Owal Allah, soñrada pylany isläni üçin bu iş boldy” ýada “Owal Allah , soñrada pylany bolmasa bu iş bolmazdy” diýip aýtmaklykdyr.

Çünki aradaky “soñra” sözi Allah tagala bilen bendäniñ isleginiñ bir wagtda bolmaýandygyny, bendäñ isleginiñ Allah tagalanyñ isleginden soñra gelýändigini bildirýän sözdür. Kuran Kerimde: **“Älemleriñ robby Allah islemese, siziñ isläniñiz bolmaz.”** diýilýär. (Tekwir süresi/29) Emma “we” sözi bolsa, Allah tagalanyñ islegi bilen bendäniñ isleginiñ bir wagtda bolýandygyny görkezer. Amalda açyk kiçi şirke bela beterden gorasyn diýip, dakylýan ýüpler, alajalar, göz monjuklar ýaly zatlar mysal bolup biler. Alaja, göz monjuk, dagdan, nal, zynjyr, goçuñ kellesi ýaly zatlaryñ göz-dilden, bela-beterden goraýan **sebäpdigine** ynanmak açyk kiçi şirkdir. Çünki Allah tagala bu zatlary bela-beterden, göz-dilden goraýan **sebäp** eden däldir. Emma şu ýokarda agzalan zatlaryñ **gönimel özleri** bela-beterden goraýandyklaryna ynanmak, uly şirkdir. Çünki bu ynanç, Allah tagaladan başga zatlaryñ zyýany, belany giderip bilýändigine ynanmakdyr.

**b) Gizlin kiçi şirk:** bu şirk riýadyr, ýagny niýetde we islegde bolýar. Ýagny Allah tagala üçin edilýän amaly il-göz üçin, iller ony görüp öwsünler diýen niýet bilen etmeklik.“Ynsanlar görüp özüni öwmeleri üçin namazyny, ruku-seždesini uzyn kylmak, eli açyk, sahy diýsinler diýip sadaka bermek, sesi owadan diýsinler diýip sesini owadanlap Kuran okamak, zikir etmek muña mysaldyr.” Egerde bir amala riýa girse ol amaly batyl edip, puja çykarar. Allah tagala aýatda:**“Kim Robbuna gowuşmany umyt edýän bolsa, salyh amal etsin we Robbuna ybadatda hiç zady şärik goşmasyn.”** (Kehf süresi,110). Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýýär: **“Siziñ üçin iñ gorkýan zadym kiçi şirkdir.” Sahabalar: “Eý Allahyñ Resuly kiçi şirk näme” diýip soranlarynda: “ol riýadyr” diýip, jogap berýär.** (Ahmed). Dünýe-malyny gazanmak üçin amal etmek hem bu bapdandyr. Gazanç etmek üçin haja gitmek, azan aýtmak, jemagata ymam bolmak ýada dünýewi bähbitler üçin dini ylym öwrenmek, jihat etmek gizlin kiçi şirke mysaldyr. Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem şeýle diýýär: **“Dinara gul bolan, dirheme gul bolan, geýim gejime gul bolan heläk bolsun. Eger oña bir zatlar berilse begener, berilmese gynanar.”** (Buhari)

**Uly şirk bilen kiçi şirkiñ arasyndaky tapawut.**

**1.Uly şirk ynsany dinden çykarar. Kiçi şirk dinden çykarmaz.**

**2.Uly şirki eden kişi ebedi dowzahydyr. Kiçi şirk eden kişi dowzaha girsede, ol ýerde ebedi galmaz.**

**3.Uly şirk ähli amaly puja çykarar. Kiçi şirk diñe haýsy amalda edilen bolsa şol amaly batyl eder.**

**4.Uly şirk maly we jany mubah kylar. Kiçi şirk maly we jany mubah kylmaz.**

Älemleriñ Robby bolan Allaha öwgi we hamd aýdýarys, Pygamberimiz Muhammede, onuñ maşgalasyna we sahabalaryna Allah tagalanyñ salawat we salamynyñ bolmagyny dileýäris.

www.ahlusunnet.com